# Käbäm jan ejem

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Käbäm jan ejem KÄBÄM JAN EJEM

Ejem jan, ejem jan-KÄBÄM jan ejem,
Seni yrza edip bilmerin hiç hem,
Ukysyz gijeleň birine degmez,
Tapyp bere bilsem müň şanyň täjem.
Aýdym-nama ýazsam, hüwdüňe degmez,
Yrza ede bilsem tuwagyň solmaz,
Jahanyň nabady-şirin şekeri,
Bir damja ak süýdüň öwezin dolmaz.
Gerekle, jigerim derman eýlesem,
Gözeller içinden ýarym saýlasam,
Näz-kereşme içre bagtym boýlasam,
Balam diýen ýeke sözüňe degmez. Goşgular